***Ýakynda Türkmenistanyň jemagat hojalygynyň düzümlerine niýetlenen köp sanly täze tehnikalar gelip gowuşdy. Olar Aşgabat şäheriniň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň häkimlikleriniň Jemagat hojalygy birleşiklerine gowşuryldy.***



Täze tehnikalaryň hatarynda zeý suwuny sorujy we ýokary basyşda lagym ulgamlaryny arassalaýjy awtoulaglar, süpüriji-ýuwujy, gapdalyndan zir-zibil ýükleýän, konteýnerli zir-zibil daşaýan, ýol germew we barýer ýuwýan ýöriteleşdirilen awtoulaglar, ýol ýuwujy-süpüriji kiçi maşynlar, agaç owradyjy, şeýle-de 25 tonnalyk ýük göterijiler, suw daşaýjy, ýol ýuwujy, gidrogaldyryjylar, göteriji enjamly kiçi ýol ýuwujy awtoulaglar, hereketdäki ussahana awtoulaglary, ýörite agyr awtoulaglar tirkewi, ýükleýji ekskawator, öňtaraplaýyn uly ýükleýjiler, tekerli ekskawatorlar, zir-zibil daşaýjy ulag üçin açyk görnüşli konteýnerler, baglary göçürmek üçin enjamlar, aýratyn dakylýan enjamlar bar. Şeýle hem pudagyň işgärleri üçin 24 adamlyk awtobuslar satyn alyndy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 14.01.2026